#189 (211)
среда, 7 августа 2024 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI TÜRKIÝE RESPUBLIKASYNYŇ ENERGETIKA WE TEBIGY SERIŞDELER MINISTRINI KABUL ETDI



**2024-nji ýylyň 31-nji iýulynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň energetika we tebigy serişdeler ministri Alparslan Baýraktary kabul etdi.**

Döwlet Baştutanymyz myhmany gadymy türkmen topragynda mübärekläp, şu gezekki saparyň çäklerinde türkmen kärdeşleri bilen geçiriljek duşuşyklardyr geňeşmeleriň netijeli boljakdygyna we iki ýurduň energetika ulgamyndaky gatnaşyklarynyň ösdürilmegine hem-de pugtalandyrylmagyna ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Myhman wagt tapyp kabul edendigi, döwletara gatnaşyklaryň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimize we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň iberen mähirli salamyny ýetirdi. Nygtalyşy ýaly, Türkiýede Türkmenistan bilen giň ugurlar boýunça üstünlikli ösdürilýän netijeli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, doganlyk döwletiň Baştutanyna mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de köpasyrlyk türkmen-türk gatnaşyklarynyň bu gün baý tejribä eýedigini, munuň bolsa syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda ileri tutulýan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek üçin berk binýat bolup durýandygyny belledi. Ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlyk özara ynanyşmak, birek-birege goldaw bermek esasynda ikitaraplaýyn görnüşde, halkara guramalaryň çäklerinde üstünlikli ösdürilýär.

Köpugurly ikitaraplaýyn hyzmatdaşlykda söwda-ykdysady ulgama aýratyn orun berilýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkiýe Respublikasynyň ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynda öňdäki orunlaryň birini eýeleýändigi bellenildi. Şeýle-de ýangyç-energetika, magdan önümçiligi, ulag-aragatnaşyk, oba hojalygy, maýa goýumlar babatda netijeli ikitaraplaýyn we sebit derejesindäki gatnaşyklary ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilikler bar.

Duşuşygyň dowamynda döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň tebigy serişdelere baý ýurtlaryň biridigini we Türkiýe bilen energetika ulgamynda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de dowam etdirmäge taýýardygyny aýtdy. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda türkmen gazynyň doganlyk Türkiýe Respublikasyna, soňra Ýewropa ýurtlaryna iberilmegi möhüm meseleleriň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň şu ýylyň martynda Türkiýe Respublikasyna amala aşyran saparynyň çäklerinde Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda uglewodorod serişdeleri babatda hyzmatdaşlyk etmek boýunça meýiller hakynda Jarnama hem-de «Türkmengaz» döwlet konserni bilen Türkiýe Respublikasynyň Energetika we tebigy serişdeler ministrliginiň arasynda tebigy gaz ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek meselesi babatda özara hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnama gol çekilendigi nygtaldy. Bu resminamalar nebitgaz pudagynda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmek üçin möhüm hukuk binýady bolup hyzmat edýär.

Häzirki wagtda Hazar deňziniň türkmen kenarynda utgaşykly dolanyşykda işleýän elektrik stansiýasynyň gurluşygy dowam edýär. Onuň işe girizilmegi türkmen elektrik energiýasyny Hazar deňziniň üsti bilen goňşy döwletlere, şol sanda doganlyk Türkiýe Respublikasyna we beýleki ýurtlara eksport etmäge mümkinçilik berer. Şunuň bilen baglylykda, ýokarda ady agzalan ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Döwlet Baştutanymyz türk tarapynyň tekliplerine garamaga hem-de netijeli başlangyçlaryny goldamaga taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda strategik döwletara hyzmatdaşlygyň iki doganlyk ýurduň we olaryň halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirildi.

## Президент Туркменистана поздравил Президента Швейцарской Конфедерации

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Швейцарской Конфедерации Виоле Амхерд по случаю национального праздника страны – Дня Швейцарской Конфедерации.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Виоле Амхерд пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Швейцарской Конфедерации – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN RECEIVED THE AMBASSADOR EXTRAORDINARY AND PLENIPOTENTIARY OF THE UNITED STATES OF AMERICA

On July 31, 2024, President Serdar Berdimuhamedov received the newly appointed Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the United States of America to Turkmenistan, Elizabeth Rood.

After presenting her credentials, the diplomat conveyed warm greetings and best wishes from US President Joseph Biden to the head of state and the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Gurbanguly Berdimuhamedov, confirming her country's interest in strengthening traditionally friendly interstate relations.

Congratulating Elizabeth Rood on her appointment to a high diplomatic post, President Serdar Berdimuhamedov wished her success in her work on the further development of multifaceted Turkmen-American cooperation. Having conveyed return greetings and good wishes to the US President, the head of state noted that Turkmenistan attaches great importance to the expansion of bilateral relations built on the basis of mutual understanding, respect and trust.

During the meeting, the fruitful nature of the interstate dialogue, which is steadily developing across its entire spectrum, including in the political and diplomatic sphere, was noted with satisfaction. In this regard, it was noted that regular contacts between the relevant departments of the two countries contribute to a constructive exchange of views on current issues on the international agenda, where special attention is paid to maintaining sustainable development, ensuring security, as well as such an aspect as climate change.

One of the priority vectors of bilateral cooperation is the trade and economic sphere. In this context, the significant contribution of the «Turkmenistan USA» Business Council to the implementation of the existing mutual potential in this area was noted. For many years, such large American companies as «Boeing», «General Electric», «John Deere» and «Case New Holland» have been implementing important joint projects in our country.

Cultural and humanitarian ties are also an integral part of Turkmen-American relations. Continuing on the topic, it was noted that the «Magtymguly Pyragy» cultural and park complex was recently ceremonially opened in Ashgabat, where sculptures of famous foreign literary figures, including the American poet Langston Hughes, were also installed.

Having emphasized that it is a great honor for her to represent the United States of America in Turkmenistan, the diplomat assured that she, for her part, will do everything possible to strengthen the traditional interstate dialogue and bring it to a qualitatively new level.

At the end of the meeting, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov and Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the United States Elizabeth Rood expressed confidence that Turkmen-American relations, based on unwavering mutual goodwill, will continue to develop successfully, filling with new concrete content.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ WE GAZAGYSTAN RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTINIŇ ARASYNDA TELEFON ARKALY SÖHBETDEŞLIK

2024-nji ýylyň 5-nji awgustynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.

Döwlet Baştutanlary birek-birek bilen mähirli salamlaşyp, strategik häsiýete eýe bolan türkmen-gazak gatnaşyklarynyň ýokary derejesini kanagatlanma bilen bellediler.

Söhbetdeşligiň dowamynda hormatly Prezidentimiz döwletara hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine gönükdirilen tagallalary üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, Gazagystan Respublikasy bilen däp bolan dostluk gatnaşyklary biziň halklarymyzy birleşdirýän köpýyllyk hoşniýetli goňşuçylyk, özara düşünişmek ýörelgelerine daýanýar. Şeýle hem iki döwletiň halkara giňişlikde, halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde ýakyndan hyzmatdaşlyk edýändigi, ählumumy, sebit syýasatynyň möhüm meseleleri boýunça garaýyşlarynyň gabat gelýändigi ýa-da ýakyndygy, birek-biregiň başlangyçlaryny goldaýandyklary nygtaldy.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew hoşniýetli sözler üçin hoşallyk bildirip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Gazagystana sapar bilen gelmäge hem-de Astanada geçiriljek Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň altynjy konsultatiw duşuşygyna we «Merkezi Aziýa — Ýaponiýa» dialogynyň birinji sammitine gatnaşmaga uly hormat bilen çagyrýandygyny ýene-de bir gezek beýan etdi.



Döwlet Baştutanymyz çakylyk üçin gazak kärdeşine minnetdarlyk bildirip, çakylygy hormat bilen kabul etdi hem-de öňde boljak duşuşyklarda beýan ediljek başlangyçlaryň sebitde hyzmatdaşlygyň täze mümkinçiliklerini kesgitlemäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi we olaryň üstünlikli geçirilmegini arzuw etdi.

Söhbetdeşligiň dowamynda dürli ugurlarda okgunly ösdürilýän ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary boýunça gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Munuň özi söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlary, halkara giňişlikde hyzmatdaşlygy utgaşdyrmak ýaly meseleleri öz içine alýar.

Bilelikdäki taslamalary, hususan-da, gaz, energetika pudaklarynda, üstaşyr ulag ulgamynda taslamalary durmuşa geçirmek meselesi giňişleýin ara alnyp maslahatlaşyldy. Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Kasym-Žomart Tokaýew döwletara hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri bolan ulag ulgamyna aýratyn üns çekip, ozal gazanylan ylalaşyklary amala aşyrmagyň wajypdygyny nygtadylar.

Bellenilişi ýaly, yzygiderli ýagdaýda geçirilýän hem-de ynanyşmak häsiýetine eýe bolan ýokary derejedäki duşuşyklar türkmen-gazak gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda aýratyn orny eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýakynda hormatly myhman hökmünde Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammitine gatnaşmak üçin Astana şäherine amala aşyran saparynyň ähmiýeti nygtaldy. Ikitaraplaýyn gepleşikleriň, hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleriniň birnäçesine garalan «ŞHG+» görnüşindäki duşuşygyň jemleriniň iki ýurduň arasyndaky netijeli gatnaşyklaryň çuňlaşdyrylmagyna uly goşant boljakdygyna ynam bildirildi.

Astanada beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň oturdylandygy, onuň türkmen halkynyň Milli Lideriniň dostlukly ýurda saparynyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Gazagystan Respublikasynyň Parlamentiniň Senatynyň Başlygynyň gatnaşmagynda 4-nji iýulda dabaraly ýagdaýda açylandygy bellenildi. Aşgabatda bolsa meşhur gazak şahyry we filosofy Abaý Kunanbaýewiň özboluşly kompozisiýany özünde jemleýän heýkeli bina ediler. Bularyň ählisi biziň halklarymyzyň arasyndaky taryhy taýdan emele gelen dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mizemezdiginiň nyşanydyr.

Pursatdan peýdalanyp, Prezident Kasym-Žomart Tokaýew Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Söhbetdeşligiň barşynda täze wehimleriň ýüze çykýan şertlerinde sebit derejesinde tagallalaryň utgaşdyrylmagynyň möhümdigi bellenildi. Şunda Türkmenistanyň sebitiň ähli döwletleri bilen dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna berk ygrarlydygy tassyklanyldy.

Dostlukly ýurduň Baştutany telefon söhbetdeşliginiň ahyrynda türkmen kärdeşini Gazagystanda geçiriljek möhüm forumlara uly hormat bilen çagyrýandygyny ýene-de bir gezek mälim etdi.

Prezidentler Serdar Berdimuhamedow we Kasym-Žomart Tokaýew hoşlaşanlarynda, birek-birege berk jan saglyk, jogapkärli döwlet işinde üstünlikleri, Türkmenistanyň hem-de Gazagystanyň doganlyk halklaryna bolsa parahatçylyk, ösüş, abadançylyk arzuw etdiler.

# ВИЗИТ ЗАМЕСТИТЕЛЯ МИНИСТРА ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА В РЕСПУБЛИКУ ФИЛИППИНЫ

2 августа 2024 года в рамках визита делегации Туркменистана в Республику Филиппины в Маниле состоялись политические консультации между внешнеполитическими ведомствами Туркменистана и Республики Филиппины.

Туркменскую сторону возглавил заместитель министра иностранных дел Туркменистана Ахмет Гурбанов, филиппинскую – заместитель секретаря по двусторонним отношениям и делам АСЕАН Департамента по иностранным делам Республики Филиппины Мария Тереза Лазаро.

В ходе консультаций состоялся заинтересованный обмен мнениями по всем ключевым направлениям двусторонней повестки дня, включая вопросы политико-дипломатического взаимодействия, торгово-экономического и культурно-гуманитарного партнерства и наполнения их практическим содержанием.




Стороны также обменялись мнениями по региональным и международным вопросам.

Дипломаты констатировали важность поддержания регулярных контактов на высоком уровне, придающим значительный импульс двустороннему сотрудничеству.

В продолжение консультаций подчеркнута важная роль парламентской дипломатии в развитии туркмено-филиппинских отношений. В данном контексте были выражены единые мнения относительно дальнейшей активизации межпарламентского диалога.

Касаясь вопросов активизации торгово-экономических отношений, дипломаты выразили готовность к развитию сотрудничества в сферах энергетики, транспорта и логистики, сельского хозяйства и др. Анализируя текущее состояние торгового сотрудничества, стороны обменялись мнениями об импортном и экспортном потенциале двух стран. На переговорах также предметно рассмотрено состояние договорно-правовой базы сотрудничества и предложения по ее расширению.

Стороны также акцентировали внимание на значимости связей в гуманитарно-культурной сфере как неотъемлемого фактора, способствующего сближению народов.

В тот же день состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана А.Гурбанова с Секретарем иностранных дел Республики Филиппины Энрике Манало. В продолжение беседы был подтвержден обоюдный настрой на активизацию двустороннего взаимовыгодного сотрудничества в различных областях с упором на развитие связей в торгово-экономической и гуманитарной сферах, совершенствование договорно-правовой базы.

По итогам переговоров был подписан «Меморандум о взаимопонимании между Министерством иностранных дел Туркменистана и Департаментом по иностранным делам Республики Филиппины о политических консультациях».

В рамках визита делегации Туркменистана в Республику Филиппины состоялась встреча делегации Туркменистана с Вице-президентом Торгово-промышленной палаты Республики Филиппины Джудэ Агулиар.

Стороны констатировали, что туркмено-филиппинские дружеские и партнерские отношения основываются на принципах взаимного уважения, доверия и равноправия. В связи с этим, собеседники выразили уверенность в дальнейшем укреплении межгосударственных связей.

Визит делегации Туркменистана в Республику Филиппины продолжается.

## TURKMENISTAN AND THE REPUBLIC OF THE PHILIPPINES DISCUSSED PROSPECTS FOR TRADE AND ECONOMIC COOPERATION

On August 3, 2024, on the second day of the visit to the Republic of the Philippines, the delegation of Turkmenistan visited the Clark Freeport Free Economic Zone. This visit was an important step in deepening cooperation between the two countries, providing opportunities to exchange experiences and discuss prospects for joint projects.

As part of the visit, a meeting was held with the Bases Conversion and Development Authority (BCDA), the purpose of which was to explore opportunities for mutually beneficial cooperation. The Philippine side



presented a detailed presentation on the Clark Freeport Free Economic Zone and an ambitious project to create a new environmentally friendly city. A tour of the Clark territory was also conducted, which allowed the Turkmen delegation to visually familiarize themselves with the achievements and initiatives of the Philippine side.

The Turkmen delegation highly appreciated the project being implemented and expressed interest in exchanging experiences in the creation and management of free economic zones.

In addition, during the meeting, the Turkmen side acquainted their Philippine colleagues with the new smart city Arkadag, which opened a little over a year ago. As part of the presentation, its key features and achievements were demonstrated, and plans for the second phase of the city's construction were noted. The Turkmen delegation invited their Philippine colleagues to visit Turkmenistan to learn more about the modern city of Arkadag and establish deeper contacts.

Such exchange of experience and joint initiatives demonstrate the desire of both sides to strengthen bilateral relations and implement joint projects in the field of economic development and infrastructure.

## В УРУМЧИ ОБСУДИЛИ ПУТИ РАСШИРЕНИЯ СВЯЗЕЙ МЕЖДУ ТУРКМЕНИСТАНОМ И СИНЬЦЗЯНОМ



Заместитель Председателя Кабинета Министров Туркменистана Тангрыгулы Атахаллыев в ходе визита в КНР провел 2 августа в Урумчи встречу с главой парткома Синьцзян-Уйгурского автономного района Ма Синжуем и председателем народного правительства этого автономного района Китая Эркином Туниязом.

Стороны обсудили углубление взаимовыгодного сотрудничества между Синьцзяном и Туркменистаном, отметив важность реализации стратегических договоренностей, достигнутых между руководствами двух стран. Особое внимание было уделено дальнейшему укреплению сотрудничества в таких областях, как сельское хозяйство, энергетика, образование и медицина.

В частности, рассматривалась сельскохозяйственная сфера как важная отправная точка партнерства, в том числе в области семеноводства, сельскохозяйственной техники и оборудования, переработки сельхозпродукции и сохранения сельскохозяйственных вод.

Сельское хозяйство является базовой отраслью туркменской экономики, и государство системно содействует ускоренному развитию агропромышленного комплекса, отметил Атахаллыев. Он также оценил результаты в развитии современного сельского хозяйства китайского Синьцзяна, с передовым опытом которого была ознакомлена туркменская делегация в ходе этого визита, и выразил надежду на расширение обменов и контактов в области научной селекции, сфере животноводства и производства готовой продукции из сельхозсырья.

## MILLI GYMMATLYKLARYMYZ WENGER TOPRAGYNDA



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde halkara medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmek ugrunda ýurdumyzda giň möçberli işler amala aşyrylýar. Parahatçylyga we birek-birege ynanyşmaga hem-de dost-doganlygy, agzybirligi pugtalandyrmaga esaslanýan medeni gatnaşyklar halkara hyzmatdaşlykda aýratyn orny eýeleýär. Milli sergiler, döredijilik festiwallary, maslahatlar, konsertler we beýleki medeni çäreler dostlugyň hem-de özara düşünişmegiň özboluşly köprülerine öwrüldi.

Halkara medeni gatnaşyklary ösdürmek ugrunda daşary ýurtlarda Türkmenistanyň Medeniýet günleri yzygiderli geçirilýär. Şu ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip yglan edilmegi mynasybetli daşary ýurtlarda Gündogaryň Beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp Türkmenistanyň Medeniýet günleri yzygiderli geçirilýär. Bu möhüm işleriň durmuşa geçirilmegine Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň hünärmenleri hem işjeň gatnaşýar.

Şu ýylyň özünde Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň guramagynda Katar döwletinde, Täjigistan, Gazagystan, Türkiýe, Fransiýa Respublikalarynda, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynda, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Waşington şäherinde, Ýaponiýanyň Tokio we Tsukuda şäherinde, Hytaý Halk Respublikasynda, Özbegistan Respublikasynyň Türkmenistanyň Medeniýet günleri geçirildi. Bu çäräniň çäklerinde Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň gaznasynda saklanylýan milli amalyhaşam sungatyna degişli gymmatlyklardan sergi guraldy. Muzeý gymmatlyklaryndan guralýan sergiler dünýä halklarynda uly gyzyklanma döretdi.

Ynha, şu ýylyň awgust aýynda hem Döwlet muzeýi Türkmenistanyň medeniýet we sungat işgärleri bilen bilelikde Wengriýanyň Budapeşt şäherinde geçirilen Türkmenistanyň Wengriýadaky Medeniýet günlerine hem-de

*(Dowamy 4-nji sahypada).*

Интернет газета
Международные новости

# MILLI GYMMATLYKLARYMYZ WENGER TOPRAGYNDA

*(Başlangyjy 3-nji sahypada).*

Wengriýanyň «Hungarian-Turan» gaznasy tarapyndan 9-11-nji awgusty aralygynda geçirilýän «Kurultaý» atly halkara medeni çäresine gatnaşdy.

Türkmenistanyň Wengriýadaky Medeniýet günleriniň dabaraly açylyşy 7-nji awgustda Budapeştiň «Miras öýünde» geçirildi. Bu ýerde muzeý işgärleri Döwlet muzeýiniň gaznasynda saklanylýan gymmatlyklardan sergi gurnadylar. Sergide Beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna bagyşlanyp Magtymguly burçy guraldy. Ol ýerde şahyryň goşgular ýygyndysy, ýaşan döwrüne degişli gymmatlyklar, şeýle hem akyldaryň kesp-käri bolan zergärçilik sungatyna degişli türkmen milli şaý-sepleri toplumy görkezildi. Milli egin-eşikler, el bukjalar, tahýalaryň görnüşleri, elde bejerilen boýunbaglary sergini synlan myhmanlarda örän uly täsir galdyrdy. Gymmatlyklary synlamak bilen, olar türkmen gelin-gyzlarynyň keşde çekmek ukybyna, esasan hem keşdeçilik sungatyny ýokary derejä ýetiren inçe we nepis milli egin-eşikleri hem-de bezeg şaý-sepleri haýran galdyrdy. Al-elwan ýüpek ketenilerden tikilip bejerilen çabytlaryň, kürtelerdir, çyrpylaryň üstünden asyrlaryň geçenligine garamazdan ýiti reňkleriniň we ýüpek-sapaklarynyň sazlaşygy, nagyşlaryň özboluşly nusgalary sergini görmäge gelen daşary ýurt ilçihanalaryň, halkara guramalaryň wekilleriniň, wenger halkynyň ünsüni özüne çekdi.



Sergide diňe bir milli lybaslary we şaý-sepleri görkezmek bilen çäklenmän, eýsem keşdeçilik sungatyna degişli el işleriň hem-de zergärçilik sungatyna degişli şaý-sepleri ýasamagyň tärlerini görkezmek maksady bilen, muzeý hünärmenleri tahýany bejermek we şaý-sepleri ýasamak arkaly ussatlyk sapagyny görkezdiler. Bu bolsa sergini synlaýjylar tarapyndan türkmen halkynyň gadymy senetlerini ýitirmän, ony has-da kämilleşdirip şu günki güne çenli saklamaklary, halkyň öz taryhyna we milli mirasyna uly sarpa goýýanlygynyň subutnamasy hökmünde garaldy.

Türkmenistanyň Medeniýet günleri medeniýet we sungat işgärleriniň, muzeý hünärmenleriniň we habar beriş serişdesiniň wekilleriniň gatnaşmagynda



10-11-nji awgust aralygynda Bugaç şäheriniň golaýynda «Kurultaý» atly halkara medeni çärede dowam etdirildi. Bu ýerde türkmen sungat ussatlary konsert bilen çykyş etdiler.

«Kurultaý» medeni çäresi Merkezi Aziýadan göçüp giden türki halklarynyň däp bolan festiwaly bolup, ol her iki ýyldan awgustyň birinji hepdesinde Wengriýanyň Bugac şäheriniň golaýynda ýaýlada geçirilýär. Bu festiwalyň maksady, çarwa halklarynyň medeniýetini, olaryň biri-birine ýakynlygyny, wengerler bilen türki halklarynyň medeni garyndaşlygyny görkezmekden, olaryň arasyndaky jebisligi berkitmekden ybarat bolup durýar. Festiwalda milli sergilere, folklor çykyşlara, at üstündäki oýunlara, awçulyk tärlerine we beýleki milli oýunlara tomaşa edilýär. 30-a golaý milletleriň gatnaşýan bu uly çäresini gurnaýjylaryň biri wengriýaly belli atşynas, antropolog, alym Andraş Bironyň Türkmenistanyň at gazanan atşynasy, Wengriýanyň ahalteke atlary assosiasiýasynyň ýolbaşçysydygyny hem belläp geçmek gerek.

Kurultaýda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň sergisi esasy derwezäniň içinde ýaýbaňlandyryldy. Festiwala gatnaşyjylar sergide çarwa halklarynyň durmuşynda esasy orny eýeleýän haly önümleri, ýagny türkmenleriň gadymy haly torbalary, çuwallary, horjunlary, gapylykdyr, haly düşekleri bilen tanyşdylar. Şeýle hem milli egin-ejikleri we şaý-sepleri synladylar. Muzeý hünärmenleri myhmanlara iňlis, türk, rus dillerinde gymmatlyklar barada gürrüň berdiler we söhbetdeş boldular. Keşdeçilik we zergärçilik boýunça amaly sapak gurnadylar.

Muzeý gymmatlyklaryndan guralýan milli sergiler türkmen halkynyň baý medeni mirasyny, gadymy gymmatlyklaryny giňden wagyz etmekde, dünýä halklaryny ýurdumyzyň medeniýeti we sungaty bilen tanyşdyrmakda uly ýardam berýär.

***Oraznabat SAPAROWA,***
***Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň direktorynyň orunbasary.***

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *В штаб-квартире СНГ представлена Концепция международного форума в честь юбилея Махтумкули*

На состоявшемся 30 июля в Минске очередном заседании Совета постоянных полномочных представителей государств - участников СНГ при уставных и других органах Содружества посол Туркменистана в Беларуси Н.Шагулыев выступил с сообщением о Концепции международного форума «Взаимосвязь времен и цивилизаций – основа современного мира и развития», посвященного 300-летию Махтумкули.Проведение форума запланировано на 11 октября в Ашхабаде при участии руководителей многих стран и авторитетных международных организаций.

### *В Чолпон-Ате проходит международный форум волонтёров стран СНГ*

В городе Чолпон-Ата Иссык-Кульской области 1 августа состоялось открытие международного форума волонтеров государств-участников СНГ. В форуме участвуют 120 участников из Азербайджана, Армении, Беларуси, Казахстана, Кыргызстана, России, Туркменистана и Узбекистана.

Форум проводится для укрепления межгосударственного сотрудничества и развития волонтёрской деятельности в странах СНГ для достижения Целей устойчивого развития (ЦУР) и улучшения качества жизни населения.

В рамках Форума будут рассматриваться - обмен опытом и практиками волонтёрства между странами-участниками СНГ; развитие сотрудничества и партнерства между волонтёрскими организациями и привлечение внимания к значимости волонтёрства для решения социальных, экологических и экономических проблем.

### *Посол Туркменистана в Украине посетил библиотеку им. Махтумкули в г. Киеве*

5 августа 2024 года, Посол Туркменистана в Украине Т. Атаев посетил библиотеку им. Махтумкули в г. Киеве и встретился с директором Еленой Зубарь и сотрудниками библиотеки.

Посол Туркменистана передал в книжный фонд библиотеки новую литературу. В ее числе - сборники поэзии Махтумкули Фраги на украинском, английском, немецком, французском, японском, румынском и таджикском языках, которые были собраны из туркменских диппредставительств за рубежом специально для киевской библиотеки.

Директор библиотеки им. Махтумкули Елена Зубарь выразила искреннюю благодарность за бесценные подарки библиотеке и признательность Посольству за постоянное внимание, пополнение фондов и музея новой литературой и уникальными экспонатами.

### *В Астане обсудили пути расширения торговли энергоресурсами государств Центральной Азии*

В Астане 6 августа 2024 года состоялась первая встреча министров энергетики государств Центральной Азии. Мероприятие прошло под председательством министра энергетики Республики Казахстан Алмасадама Саткалиева.

Туркменистан на встрече представлял посол Батыр Реджепов. Мероприятие состоялось накануне VI Консультативной встречи глав государств Центральной Азии, которая пройдет в Астане 9 августа.

Важным фактором регионального сотрудничества названы всестороннее привлечение инвестиций и реализация крупных совместных технологических проектов в энергетической отрасли, с целью стимулирования развития современной энергетической инфраструктуры стран Центральной Азии. Также следует изучить возможность реализации совместных проектов в газовой отрасли.

По итогам встречи главы энергетических ведомств ЦА подписали коммюнике, которое заложит фундамент для дальнейшего успешного сотрудничества по всем ключевым направлениям между странами.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***